THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleri Pekin şäherinde geçirilen okuw maslahatyna gatnaşdylar

2024-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Halkara we parlamentara aragatnaşyklar baradaky komitetiniň başlygynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Hytaý Halk Respublikasynyň Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň Hemişelik komitetiniň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Ýuwaş ummanynyň ada döwletleriniň Parlamentleriniň deputatlarynyň maslahatynyň çäginde geçirilen «Ylalaşygy çuňlaşdyrmak we ösüş üçin bilelikdäki tagallalar» atly okuw maslahatyna gatnaşdy.

Okuw maslahatyň dowamynda oňa gatnaşyjylar Hytaý Halk Respublikasynyň ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň ähmiýeti, daşary ýurt maýa goýumlaryny artdyrmak, Hytaý Halk Respublikasynyň başlangyjy esasynda «Bir guşak bir ýol» taslamasyny durmuşa geçirmekde Merkezi Aziýa döwletleri bilen hyzmatdaşlygy has-da berkitmek babatda pikir alyşdylar.

Все права защищены